# Dünýäniñ ilkinji zenan admiraly: Artemisiýa I

Category: Kitapcy,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dünýäniñ ilkinji zenan admiraly: Artemisiýa I Dünýäniñ ilkinji zenan admiraly:




**ARTEMISIÝA I**

- **Artemisiýa I kim?**

Lidiýa patyşalygynyň soňuna çykan persler b.e.öňki 546-njy ýyldan başlap kenarýaka şäherleri hem eýeläp başlapdyrlar. Şäherler pers häkimiýetiniň we gresiýalylaryň tarapdary hökmünde ikä bölünipdir. Persleriň tarapyny tutýan şäherleriň içinde Galikarnas ýaly möhüm şäherler jem bardy. Şol wagtlar Galikarnasy Artemisiýa I dolandyrypdyr. Uçursyz görmegeý zenan bolan Artemisiýa garadangaýtmazlygy we merdanalygy bilen görenleri haýrana goýupdyr.

Ligdamid Galikarnasly ýogalanda, heniz ogly kiçijik bolansoň, gyzy Artemisiýa tagta geçipdir.

Pers patyşasy Kserks Artemisiýany hormatlapdyr we onuň pikirlerine aýratyn sarpa goýupdyr. Artemisiýa greklere garşy boljak deňiz söweşine girmegiň howply boljagyny we özüniň bu söweşe garşydygyny aýdypdyr. Hökümdar onuň raýyny ýykmandyr, sebäp diýseň Kserksiň özi-de Artemisiýa bilen pikirdeş eken. Emma emeldarlaryň köpüsi urşa dyzapdyr. Netijede mobilizasiýa yglan edilýär we doly derejede urşa taýýarlyk görülýär.

Hökümdar urşa girişmezden öň ähli güýçlerini birlaý barlap çykýar we dolu taýýarlyk gutaransoň, pers flotiliýasy b.e.öňki 480-nji ýylyň 27-nji sentýabr gününiň gijesi Salamis aýlagyna aralaşýar. Zenan admiral Artemisiýa I Galikarnas, Kos, Nisiros, Kalidnos gämilerine ýolbaşçylyk etmek bilen birlikde öz hasabyna bäş gämini getirdipdir. Sidonlylardan soňky iň gowy gämiler Artemisiýanyň garamagyndady.

Ertesi gün 28-nji sentýabrda Salamin bogazynda söweşiň ilkinji pursatlaryndan başlap ýeňiş grekleriň tarapyndady.

## ■ Salamin deňiz söweşi

Grek flotiliýasyna Spartaly Ewribiad we onuň kömekçisi Femistokl ýolbaşçylyk edipdir. Kiçi bolsa-da çalt hereket edýän gämiler persleri aljyraňňylyga düşüripdir. Persleriň tarapynda 600 gämi, greklerde 300 gämi bolupdyr.

Artemisiýa gözsüz batyrlyk edip duşmanyň üstüne hüjüm edipdir. Pers flotiliýasynyň dara-dirä düşen jygba-jygly pursatynda Pellenaly Ameýniasyň ýolbaşçylygyndaky çalt hereket edýän afiny gämisi Artemisiýanyň söbügine düşüpdir. Duşman gämileri

Artemisiýany gabaw astyna alypdyr, kowga giren gämi hem oňa barha ýakynlaşypdyr. Artemisiýanyň gaçmakdan başga alajy galmandyr. Ýogsam bolmasa onuň özüne-de, adamlaryna-da bütinleý ýok edilmek howpy abanypdyr. Şonuň üçinem ol öz garamagyndaky gämilere: «Meniň yzymdan geliň we men näme etsem, sizem şony gaýtalaň!» diýip buýruk berýär. Çaltlyk bilenem öňe okdurylýar. Birdenkä-de säginip, ýanyndan geçen Damasifimiň ýolbaşçylygyndaky Kalindos gämisiniň dik böwründen zarba urýar. Gämi içindäki adamlary bilen bile deňziň düýbüne gidýär. Hiç kim näme bolandygyna düşünmän galýar. Greklerden bir adamam diri galmandyr.
Gark bolan gämini gören afinylylar öz tarapdarlarydyr öýdüp, Artemisiýanyň gämisini kowalamagy bes edýärler. Wakany uzakdan synlap duran persler bolsa gark edilen gäminiň afinylylara degişlidigini, Artemisiýanyň garadangaýtmazlyk bilen ony gark edendigini gözleri bilen görensoň, merdana zenanyň batyrlygyna haýran galýarlar. Hatda söweşi synlap duran Kserks demi demine ýetmän: «Bu gün aýallar erkek kimin, erkekler aýal kimin söweşdi» diýipdir.
On sagada golaý dowam eden we taryhyň iň uly deňiz söweşleriniň biri bolan Salamin deňiz söweşinden persler we olaryň ýaranlary ýeňliş bilen çyksa-da, söweşiň dillere dessan bolan gahrymany Artemisiýa boldy. Taryhçylar Kalidnos gämisi ýalňyşlyk bilenmi ýa-da ýörite batyryldymy diýen soraga kesgitli jogap berip bilmeseler-de, Gerodot «Gark bolan gämiden bir adamyňam diri galmazlygy Artemisiýanyň üstünligidi» diýip ýazypdyr.
Persleriň ýeňlişine garamazdan Artemisiýa hiç hili ýitgi çekmezden, ýeke esgeri wepat bolmazdan gämilerini Galikarnasa çenli äkitmegiň hötdesinden gelipdir.
Netijede Artemisiýa ilkinji zenan admiral we merdana aýal hökmünde taryha adyny ýazdyrybilipdir. Afinylylar Artemisiýanyň kellesine 10 müň drahmi pul goýanam bolsalar, bu puly almaga hiç kim het edip bilmändir.

# «Egeýiň gadymy hekaýatlary» Zenan şahsyýetler